Hüdük Myradow 1921-nji ýylda Görogly etrabynyň Bedirkent obasynda daýhan maşgalasynda dogulýar.1939-njy ýylda 7-nji synpy tamamlap Hüdük Myradow, traktor brigadada işe başlap 1941-nji ýyla çenli hasapçy bolup işleýär.1941-nji ýylda sowet goşunynyň hatarynda Beýik Watançylyk urşuna gatnaşýar.1946-njy ýylda goşun gullukdan soň MTS-iň 2-nji bölüminde agranom, agranom-entamology hem baş agranom bolup işleýär.

1952-nji ýyldan soň ol daýhan birleşigiň başlygynyň orunbasary we partiýa guramasynyň sekratary bolup işleýär.1961-nji ýylda  Hüdük Myradow daýhan birleşigiň başlygyna saýlanýar.Hüdük Myradow başlyk bolan wagtynda daýhan birleşik uly üstünliklere eýe bolýar. 1965-nji ýylda daýhan birleşik  5700-tonna pagta beren bolsa 1985-nji ýylda hasyl 15000-tonna ýetdi. Hüdük Myradow özüni daýhan birleşiginiň başarjaň guramaçysy hökmünde görkezip gowaça we beýleki oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmegiň progressiw usullaryny tutanýerlilik bilen ornaşdyrdy.

**Annabagt MEREDOWA**
**Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024